# Gulbabanyñ gazaly

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gulbabanyñ gazaly

GULBABANYÑ GAZALY

Dunaýyñ boýunda,
Peştiñ goýnunda,
Pesseñräk daglaryñ gyzgylt toýnunda,
Baglara bürenip, basyrnyp güle,
Asyrlardan galan mermeri bile
Ýatyr goja Gulbabanyñ mazary.

Asmanda aldajy peýkamlar şuwlap,
Daljygan surnaýçyñ surnaýy uwlap,
Leşgerler döwüşip,
Sil bolanda gan,
Ok-däriñ içinde iki nowjuwan
Görüp bir-birini gidenmiş huşdan, ~
Biri Stambuldan,
Birisi Peştden.

Gyljyn gyna salyp şonda esgerler,
Çekilenmiş yza agyr leşgerler.
Çar ýanda kesilip surnaýlañ sesi,
Sem bolanmyş top-tüpeñleñ hemmesi…

Juwanlañ elinden tutup Gulbaba,
Çykanmyş-da şonda hol uly daga,
Bagra basyp ýigit bilen gözeli,
Aýdanmyşyn bir ajaýyp gazaly:
"Gör-bak, dag başynda dogdy goşa aý,
Tüme şugla saçdy goşa nowjuwan,
Tañrym köp görmesin ~ biri biziñki,
Beýlekisi ~ seniñ jigeriñ, duşman!

Towap eýläp, bu aşyklañ gaşynda
Gyljymyz syndyryp,
Kylaýlyñ puşman,
Kylaýlyñ puşman!..
Muhabbet odundan syryldy duman,
Kuýaş hanjar urdy,
Ýaryldy asman.
Bu kenar duşuryp ýar bilen ýary,
Herne bolgaý Muhabbetiñ kenary!.."

…Dunaýyñ boýunda Peştiñ goýnunda,
Peseñräk daglaryñ gyzgylt toýnunda,
Baglara bürenip,
Basyrnyp güle,
Eşrepi sözleriñ mukamy bile
Hüwdülenip ýatyr bir dana goja, ~
Dagam şoña başyn egýär çalaja…

Budapeşt, 1963-1975.

Goşgular